# Aňmamysyň sen şol güni, jümle älem haýran ola…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Aňmamysyň sen şol güni, jümle älem haýran ola…



Aňmamysyň sen şol güni, jümle älem haýran ola,
Nädesini bilimeýip, bihud-u sergezdan ola.
Ysrapyl suruny ura, jümle mahluk ýerden tura,
Diriliban haşra bara, kazy onda Subhan ola.

Zebanylar çeke tuta, götere tamuga ata,
Deri ýana, süýek tütär, gaty uly efgan ola.

Mälik çagyrar tamuga, çekip meýdana getire,
Taňry gorkusyndan tamug zary kylyp nalan ola.

Daglar ýerinden yryla, gökler haýbatdan ýaryla,
Ýyldyzlar dagy gyryla, düşe ýere, galtan ola.

Ýazyklarymyz dartyla, ança perdeler ýyrtyla,
Bilmedigiň günäleriň onda saňa aýan ola.

Ýunus aýdar uşbu sözi, erenlere toprak ýüzi,
Dilär Haky görer gözi, anaýat ger, ondan ola. Goşgular